TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

B.Annanepesow

“Binagärlik taslamasynyň sosial we ekologiki esaslary”

Hünäri: Binagär

Aşgabat 2010

Kitap iki bölümden ybarat:

Bölüm 1.
Binagärlik taslamasynyň sosial esaslary.

Bölüm 2
Binagärlik taslamasynyň ekologiki esaslary.

Bölüm 1. Binagärlik taslamasynyň sosial esaslary.

Binagärlik we şähergurluşyk taslamalary elmydama jemgyýetiň durmuşy bilen baglanşykly bolan material – giňişikleri düzme, ýaşajylar üçin mylaýym bolan durmuş giňişlikleri döretmek we olaryň hillerini gowlama. Bu ýerde esasy maksat talyplara öwretmeli, ýagny binagärlik bilen jemgyýetiň arasyndaky ýüze çykýan sepleşikleri, olaryň prinsiplerini we esasy düşünjelerini; binagärlik we binagäriň döredijilik işlerine sosial tarapdan uly üns berilýändigine we onuň ýokary derejede ähmiýetiniň barlygyna.

Talyplar üçin bu ýerde sosialogiýanyň umumy düşünjelerini öwretmeli (umumy nazaryýet, ýöriteleşdirilen nazaryýet we goşmaça ylmy-barlag işleri. Biziň garaşsyzlyk ýurdumyzda binagärlik taslamalarynyň nähili esaslary bolmaly, olary nähili durmuşa geçirmek ýagdaýlary öwrenmek. Täzeden döredilýän jaýlaryň we şähergurluşyk kompleksleriniň Saparmyrat Türkmenbaşynyň sosial maksatnamasyna laýyklykda ýäze çykýan köp dürli özgerişleri durmuşa geçirmek iň uly esaslaryň biri bolup durýar. Türkmenistanyň esasy kitaby – Ruhnama we onuň sosial taýdan täsirlerini gelejekki ýaş binagärlere öwretmek möhüm meseledir. Ruhnamanyň maksatlaryny talyplara berjaý etme pikirleri we ussulary uýgunlatma – bu häzirki zaman türkmen binagärçiligiň düýbini tutmakdan ybarat bolýar. Bu ýerde sosial diýilende tehnika ykdysadyýetiň we çeperçiligiň düýplerine birligini, olaryň bitewi ulgamdygyny öwretmekden ybaratdyr.

Bölüm 2. Binagärlik taslamasynyň ekologiki esaslary.

KItabyň maksady – talyplara binagärlik taslamasyny düzülende sosial problemalaryny çözmeklige gönderme, hem – de ilatyň, maşgalanyň we aýry – aýry şahsyýetiň isleglerini anyklamada taslamadan öň geçirilýän gözleg işlerinde zerur bolan bilimi weusullary bilen türgenleşdirme; we olary taslama çözgüdinde ullanmany döretmek.

Kitabyň meseleleri – sosialogiki we binagärlik bilimleriniň arasynda bolýan sepleşikleriň nazaryýet esaslary bilen tanyşdyrma;
- Taslamadan öňki we taslama işlerinde, ylmy işleri şähergurluşyk sosiologiýasynda geçirilýän esasy bölümleriň-şäheriň sosialogiýasy, hyzmatyň sosiologiýasy, mazmunyny we ugurlary bilen tanyşdyrma we beýan etmek hem – de ilatyň giňişlikdäki bolýan psihologiki gylyklaryny we olaryň binagärlik guramasynyň usullarynda çözülişini görkezme;
- Gutarnykly mysallarda binagärlik çözgüdiniň we sosial işleriniň özara

sepleşikliligini, hem – de binagäriň öz kärini doly ýerine ýetirmeklide oňarmadyk işiniň soňynyň ýalňyşyny;
- Taslamada öň geçirilýän sosiologiki ylmy – gözleg işleriniň mazmuny we usullary bilen, ylmy – gözleg işleri geçirmekde gerek bolan sosialogiki – demografiýa maglumatlary saýlap almany we olary ýygnamany düşündirmek, hem-de binagärlik – sosiologiki işleri anket üsti bilen geçirmäni; binagärlik obýektleriň sosial – funksional ylmy – gözleg işlerini geçiriş usullaryny öwretmek.

Giriş

Binagärligiň we şähergurluşygyň obýektleri:
- jaýlar we desgalar şäherler, obalar we otrumly ýerler – bularyň hemmesi adamlaryň durmuşy üçin gurnalyp, her bir döwürde ilatyň islegine laýyklykda gurnalýar we jemgyýetiň material taýdan düýplerini tutýar. Bu işlerde binagärligiň sosial esaslary uly orny eýeleýär.

Sosial diýilende onyň iki ähmiýeti bar. Birinjiden, bu adamlaryň özara gatnaşyklaryny häsiýetlendirip ynsanlaryň birleşmegini gurnaýar: sosial sfera, sosial infrastrukturalar, jemgyýetiň ösmegine sosial (adamlaryň) täsirler. Ikinjiden bolsa sosial diýilende giňişleýin garaýyş hökmünde göz öňünde tutulýar. Bu pursatda sosial jemgyýetiň hemme taraplaýyn häsiýetlendirýär: ykdysadyýet, syýasat, etiki we başgalar.

Binagärlik we şähergurluşyk jemgyýeti guramada töweregi düzüji hökmünde ýüze çykyp, olar sosial prosessleri we aragatnaşyklary döredýär. Sosiologiýa – jemgyýet barada we onuň köp görnüş guramalaryny we ösüşini häsiýetlendirýär. Binagärligiň sosiologiýasy umumy sosiologiýanyň bir şahasy bolup, ol adamlaryň ýaşaýan ýeriniň düzüminiň sosial tarapdan garaýyşyny döredip sosial – binagärlik ylmy-gözleg işleriniň hem esaslary bolýar. Ýagny, ýaşaýyş öýleriň, önümçilik komplekleriň, jemgyýetçilik merkezleriň we ş.m. özara garaýyşlaryny, çeperçiligini aňladýar hem-de binagärlik taslamalaryň belli bir esaslaryna girýär. XIX – XX sepgidinde şähergurluşyk dersi ýüze çykyp şäherleriň funksional – planlaşdyryş tarapdan ýeke-bir bütewi organizmdygyny birinji gezek kesgitlenýär. 1920-nji ýylda bolsa territorial taslamasy emele gelýär we şondan şäheriň baş plany daşyndaky gurşap alýan region bilen sepleşikli taslama geçýär. Geljekki durmuş töweregiň taslama modellerini işläp çykarýarlar. Ylym-tehniki işleriniň öňde baryjy ýollaryny taslamada ullanylýar. Ynsanlaryň taslamada ähmiýetiniň köpelmegi bilen jemgyýetiň ösmegine taslamada täze nukdaýnazarlaryň orny uly bolup köp zatlar taslamada kompleksleýin çözülmäni ugrukdyrylýar. Bu ýagdaýda milli taryhy-medeni miraslaryň ähmiýeti hem örän wajyp meselä öwrülýär. Milli duýgular öňe sürülýär. Şol sebäpli hem 1920-30-njy ýyllarda binagärlikde “durmuşgurujy” ugur döräp täze nazaryýetler sezewar bolýar (Le Korbüzýe we W.Gropiusyň işleri: “Luçezar şäher” , “Häzirki zaman binagärligiň prinsipleri” ; Bauhaz we başgalar. Söwetler döwründe binagärligiň ösmegine sosial tarapdan deň garaýyşlygyň esaslarynda äň edip adamlaryň durmuşynda har dürli görnüşleri ýok etmäge göreşilýär. Milli we regional tarapdan durmuş tapawutlylykda düýpden aýyrmaga çalyşylýar. Sosial deňlik edil sosial tarapdan bir syhlylyk düşünjä gelinipdir. Bu bolsa adamlaryň durmuş taýdan ýagdaýlary gowlanmaga başga netije döreýär: durmuş ýagdaýynyň hilleriniň köpelmegi, durmuşyň obrazlaryň üýtgemegi, islegleriň we gyzyklanylýan höwesleriň her bir sosial toplumda, milletde we aýry-aýry regionlarda özbaşdaklyga öwrülmegine we aýratynlygyny häsiýetlendirip bilinmedi.Häzirki zaman şähergurluşygynda esasy uguryň biri – ekologiki usuly, ýagny adam, adamyň

töweregi gurnama, adam edil merkezi obýekt hökmünde äň edip taslamanyň iň wajyp esaslary bolýar.

Binagärlik taslamasynyň sosial esaslaryna girýän maglumatlar binagärlik töweregi döretmegi, jaýlaryň binagärlik töweregi döretmegi, jaýlaryň binagärlik görnüşlerini, funksional tarapdan şäherlerde we obalarda durmuşda amatly zonalary, merkezleri we ş.m. işleri geçirmek üçin ullanylýar.

Ilatyň sany, köpekmegi sosial toparlar, maşgala sany we olaryň ululygy-kiçiligi, hünärmen toparlar bularyň hemmesi binagärler doly öwrenmek we bilmeli. Sebäbi geljegi gurnamakda, aýratyn-aýratyn görnüşli töweregi, binalary döretmekde ýaşaýan adamlaryň islegleri, talaplary iň zerur mesele.

Binagärligiň sosial esaslary taslamanyň hemme derejelerine täsir edip her bir deňlemesinde özbaşdak ähmiýeti bar.

Binagärlik taslamanyň iň ýokary orunda –

- ýurtda ilatyň ýerleşişi we onuň gelejegini kesgitleme: ilatyň umumy sany, işçi güýçleriň ýurduň territoriýasynda ýarleşişi, adamlary iş bilen üpjün etmek (zanýatost),şäher ilatynyň umumy sany, onuň ösüşi we başgalar.
- ikinji orunda – territorial palnlaşdyrma, bu taslama esasanam welaýatlaryň çäriýeklerinde äň edilýär.
- üjinji orunda – şäheriň baş meýilnamasyna degişli: şäheriň ilaty, önümçilik kärhanalarynyň hünärmenleri we ş.m.
- dördünji orunda – aýgytlandyryjy planlaşdyryşyň taslamasy (proekt detalnoý planirowki PDP).

Bu orunlaryň hemmesinde sosial – demokrariki tarapdan adamlaryň jemgyýetiň we ilatyň başga bölekleriniň ähmiýeti üçin maglumatlary işläp çykarylýar.

Türkmenistanyň ilaty.

Häzirki zamanda dünýä halky 6,5 mlard adama golaý. Olaryň ýerleşişinde köp aýratynlyklar bar.
Äpet, uly, orta we kiçi şäherlerde ýerleşýän ilatlar her bir şäher özbaşdak hem bolsa, olar özara sepleşiklidirler. XX asyryň soňunda we täze asyryň başynda köpülenç äpet uly we uly şäherleriň aglomerasiýasy emele gelip uly giňişlikleriniň içinde sosial tarapdan deňlik dereje döräp başlady.

Türkmenistanyň şäher ilaty we olaryň binagärlik meseleleri

1. Türkmenistanyň ilaty we häsiýetlendirme
2. Ilatyň demografiki aýratynlyklary
3. Maşgala we olara degişli bolan teklipler

Häzirki wagtda ilatyň sanyny kesgitlemezden halk hojalygynyň hiç bir pudagyny, aýratynam sisial ösüşi planlaşdyrmak we ösdürmek mümkin däldir. Ilatyň sany we onuň düzümi hemişe üýtgäp durýar. Mälim bolan taryhy – geografiki edebiýatlar hasbat maglumatlary, katografiki materiallara görä 1865-1990 – nji ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň häzirki çäklerinden ilatyň köpelişini öwrendik. Birinji usul ilat ýazgysyny geçirmek bilen: ikinji usul bolsa her ýyl ilatyň köpelişini hasaplamak arkaly kesgitlemekdir.

Biziň ýurdumyzda şol usularyň ikisi hem giňden peýdalanylýar. Ilat bilen baglanyşykly san maglumatlary, döwlet hasabat komitetinde jemlenendir. Ilat ýazgylary hemişe Türkmenbaşy aýynda geçirilýär. 1929-njy ýylda ilat ýazgysyny Bitaraplyk aýyň 17-de geçirildi. 1939-njy ýylda Türkmenbaşy aýynyň 17-de;
1959-njy ýylda Türkmenbaşy aýynyň 15-de ; 1970-nji ýylda Türkmenbaşy aýynyň 15-de; 1979-njy ýylda Türkmenbaşy aýynyň 17-de; 1989-njy ýylda Türkmenbaşy aýynyň 17-degeçerildi. Onuň ilat ýazgysyny maglumatlaryny bir ýyllyk, bäş ýyllyk, uzak möhletleýin planlar düzülende giňden peýdalanylýar. Çünki, jemgiýetiň öňe gidişi adamalara baglydyr. Biziň günlerimizden adam faktorynyň roly has hem ýokarlanyp, ol üýtgedip gurmak işleriniň aýgytlaýjy güýjine öwrüldi. Indi Türkmenistanyň ilatynyň sanynyň artyşyna göz aýlalyň:

<u>Türkmenisatanyň ilatynyň sanynyň artyşy</u>

Ýyllar	**Ilatyň sany /müň adam/**	**Öňki ýyla garanyňda Sanynyň artyşy ýa-da kemelişi /+ -/**
1865	637	__

1897	750	+113
1913	1042	+292
1917	1036	-6
1920	837	-199
1926	998	+161
1939	1052	+254
1959	1516	+264
1970	2159	+643
1979	2759	+600
1989	3523	+764
1965-1989		+2886

Türkmenistanyň ilatynyň köpelişinde demokrafik faktoryň roly

Demografiýa sözi grek sözi bolup “demos” – halk, adam weeriň we ş.– ýazmak, öwrenmek diýmekdir. Dremografiýa ilaty, halky öwrenýän ylymdyr. Demografiýa ylmy halkyň doglyş, ýögalyş, tebigy köpeliş, nikalaşmak we nika bozmak işlerini, ilatyň ýaş, jynsy dümlerini, maşgala gurluşyny, zähmet gorlarynyň emele gelişini, ilatyň sanynyň sosial ösüşine edýän täsirini, adamlaryň ömrüniň uzaklygyny, ilatyň migrasiýasyny öwrenýär.

Ilatyň sanynyň artyşyny artyşynda esasy rol dogluş, ýögalyş we tebigy köpeliş işlerinede degişlidir.

Ilatyň dogluşy – biologiýa we sosial hadysa bolup ol ilatyň köpelişiniň esasy çeşmesidir. Halkara kabul edilen koefisentinde laýyklykda, doglyş her 1000 adama düşýäni bilen hasaplanylýan we promillerde /$^0/_{00}$/ aňladylýar. Bu koefisent doglanlaryň, ýogaolanlaryň, tebigy köpelişiniň sanyny ilatyň ortaça, bir ýyldaky sanyny bölmek bilen hasaplanylýar. Has düşnükli bolmagy üçin şeýle mysala ýüzlenildi. 1987-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-ne Türkmenistanyň ilaty 3361 müň adam bolan bolsa, ilatyň sany 1988-nji ýylda Türkmenbaşy aýynyň 1-da 3420müň adama ýetdi. 1988 – nji ýylda doglanlaryň sany 125887 adam, şu görkezijileriň netijesinde dogluş koefisenti gelip çykýar

$$\text{DK} = \frac{125897}{/3361 + 3420/} 1000 = 36^0 /_{00}$$

Şeýlelikde, dogluş koefisenti 36 promillä deňdir. Türkmenistan ilatyň dogluş derejesi boýunça Söwet Soýuzynda iň öňdäki orunlaryň birini eýeleýär ýa-da başgaça aýdanyňda, umumysoýuz derejesinde 2 esse ýokarydyr.

Türkmenistanyň ilatynyň dogluş ýogalyş hem-de tebigy köpeliş derejesiniň / 1000 adama düşýäni hasabynda / koýefisenti

Tablisada görnüşi ýaly, Türkmenistanda ilatyň dogluş derejesi üýtgewsiz bir ýagdaýda saklanyp gelýär /$36^0/_{00}$/. Bu bolsa gelejekde Türkmenistanyň ilatynyň yzygiderli köpeljegini görkezýär.

Ilatyň ýogalyş prosesi ykdysady, sosial, ekologiki faktorlar bilen baglanyşyklydyr. Her ösen jemgiýet öz halkyň saglygy ugrunda göreşip, onuň ýogalyş derejesiniň ýyl-ýyldan azalmagyny gazanýar. Ine şeýle amatly ýagdaýda Türkmenistanyň şertlerinde hem görmek bolar. 1940-1988-nji ýyllaryň arasynda ýurtda ilatyň ýogalyş derejesi essä golaý azaldy.

Emma Türkmenistanyň çaga ölümi örän ýokary derejede bolmagyna galýar. Bu gaty guwandyryjy faktdyr.

Ilatyň tebigy köpelişi – doglanlar bilen ýogalanlaryň arasyndaky tapawut bolup, ol ilatyň köpelişiniň esasy görkezijisidir. Türkmenistanda indi köp ýyllaryň dowamynda ilatyň tebigy köpelişi 26-28% - de saklanyp gelýär. Ýakyn geljekde hem şu derejede bolmagy ähtimaldyr. Türkmenistanda ortaça ýyllyk köpelişiniň 3%-de gölaýy düşýär.

Türkmenistanyň ilatynyň milli – etniki düzümi

Türkmenistanyň köp milleti bolup, bu ýerde 100-de gowrak halklaryň wekilleri ýaşaýar. Olar türkmenler, ruslar, özbekler, gazaklar, tatarlar, azyrbeýjanlar, ermeniler, buluçlar, beloruslar, täjikler, nemesler, kürtler, eýranlylar, maldawanlylar, başgyrtlar, täjikler, koreýlar, uýgurlar, bolgarlar, rumynlar we beýlekilerdir.

Ilat ýazuwlarynyň maglumatlaryna görä, respublikada ýaşaýan türkmenleriň sany 3.5 esse köpeldi eger-de 1926-njy ýylda Türkmenistanda ýaşaýan türkmenleriň sany 720 müň adam bolan bolsa, olaryň sany 1989-njy ýylda 2 million 536 müň adama barabardyr. Türkmenistanyň ilatynda türkmenleriň umumy tutýan orny 61% bolanlygyndan 1959-njy ýylda 72% - e çenli 1989-njy ýylda artdy. Türkmenleriň udel sanynyň agramynyň artmagy, olaryň tebigy köpelişiniň örän ýokary derejedeligi bilen düşümdirýär.

Türkmenistanyň ilatynyň geografik ýerleşişi.

Ilatyň geografik ýerleşişi diýen düşünjäni giň manysy bolup, ilatyň terretoriýa boýunça ýaýraýşyny, gürligini, şäher we oba ilatly nokatlaryň arasyndaky paýlanyşy, ilatly ýerleriň bitewi ulgamynyň emele geliş prblemalaryny öwrenýär. Ilatyň ýerleşişini territoriýanyň hojalyk taýdan özleşdiriliş derejesine laýyklykda wagt we giňişlik boýunça yzygiderli üýtgäp durýar.

Ilatyň gürlügi belli bir territoriýada ýaşaýan ilatyň umumy şol ýeriň mneýdanyna paýlamak bilen bilen kesgitlemek we şu formulada aňladylýar: $И_г = \frac{У_и}{У_м}$ ($И_г$ – ilatyň gürligi, $У_и$ – umumy ilat, $У_м$ – umumy meýdan). Ilatyň gürlügi 1 kw. km. Düşýän adam sany bilen kesgitlenýär. Türkmenistan ortça 1989-njy ý. 1 kw. km. Ýere adamdan düşýär. Türkmenistanda ilatyň gürlügine we ýerleşişine täsir edýän köp sanly faktorlaryň has möhümli şu aşakdakylardyr:

1. Türkmenistanyň territoriýasynyň ulugly /488, 1 müň kw. km./ we ilatyň sanynyň örän azlygy /3.5 mln. adam/;

2. Türkmenistanyň territoriýasynyň köp bölegini /350 müň kw. km./ Garagum çölüniň tutmagy, ilatly nokatlarynyň ýerleşmegini örän uly täsir edýär. Çölde ýaşýyş çylşyrymly şertlerde bolup ilatyň ýaşap biljek arealaryny çäklendirýär.

3. Türkmenistanyň territoriýasynyň ep-esli bölegi işjeň zolakda ýerleşýär. Bu ýagdaýda bolsa gurulýan desgalaryň, jaýlaryň özüne düşýän bahasynyň

ýokarlanmagyna alyp barýar. Eger-de gurulýan jaýlar güýçli ýer titremä /10 bala çenli/ durnukly bolmasa, onda uly heläkçiige duçar eder.

4. Ilatyň gürlügine we ilatly nokatlaryň ýerleşişine täsir edýän şertleriň biri hem territoriýanyň özleşdiriliş derejesidir. Garagum derýa zolaklarynda täze özleşdirilen massiwlerden köp sanly ilatly nokatlar döredi.

5. Ilatyň ýerleşişine güýçli täsir edýär şertleriň biri hem ulag we ykdysady gatnaşyklar bolup durýar. Ilatly nokat daşary dünýäden üzňe, hiç bir gatnaşyksyz bolup bilmez. Ilatyň ýaşaýşy üçin hökman beýleki ilatly nokatlar bilen özara üznüksiz aragatnaşygy bolmalydyr. Bu gatnaşyklar ulag kömegi bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň /1989/ demir ýollaryň 2120 km-i, awtomobil ýollaryň 1340 km-i içerki suw /derýa/ ýollaryň 990 km-i howa, trubogeçirijileriň, telefon, tewizion, radio şertleri şu maksatlar üçin ulanylýar.

6. Ilatly nokatlar ýerleşdirilende ýerden tygşytly peýdalanmaga uly üns bermeli. Türkmenistanyň Ministrler Sowetiniň 1987-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 27-däki kararyna laýyklykdaky, 1 ga sürülýän ýer oba hojalyk däl maksatlary üçin peýdalanyldsa, oba hojalyk önümçiligine 61 müň 320 manat zyýan ýetirilýär. Eger-de 1 ga. tarp ýer peýdalanylsa, onda ýitgi 8 müň 400 manat bolar. Şu hasaplamalary göz öňünde tutyp, döredilen ilatly nokatlar üçin tarp ýerleri bölüp bermek ykdysady nukdaý nazardan peýdaly bolardy.

7. Ilatyň ýerleşişinde suw gorlarynyň geografik ýaýraýşy hem-de ilatly nokatlaryň suw bilen üpçünçilik derejesi uly ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň ilatly nokatlaryň aglabasy derýalaryň jülgelerinde, kanallaryň ýakasynda, çöllük zolaklarda guýylaryň töwereginde ýerleşipdir. Häzir Türkmenistanyň territoriýasynyň diňe 7% - de ilat ýaşap, olaryň köp bölegi oazislere degişlidir. Ilatyň ýaşaýşyndaky we onuň hojalyk işindäki suw gorlarynyň ähmiýetine aşakdaky normatiw materiallardan göz ýetirmek bolar. Gowaça meýdany üçin 1 ga ýere ortaça 9.5 müň kub suw, oba ilatly nokatlarda her jan başyna 1 gije – gündiziň dowamynda 125-300 litr, şäher ilatyň her birine bolsa 300-500 litr suw harç edilmelidir.

8. Ilatly nokatlaryň ýerleşişi we gürüligi taryhy-geografik şertler bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanda aýry-aýry territoriýalar ilatyň gadymdan ýaşap gelen öýleridir. Geçirilen gazuw-agtaryş barlaglara görä, taryhy – binagärlik ýadygärlikleri türkmenleriň asyrlar boýy ýaşan ýerleriniň üýtgeýşiniň şaýadydyr. Häzirki oazislerdäki ilatly nokatlar ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda emele gelipdir. Umuman, Türkmenistanyň taryhy belli bir derejede ilatynyň ýerleşişiniň özgerişi bilen baglydyr.

9. Ilatly nokatlar ýerleşdirilende sanitar – gigiýeniki, ekologiki normalaryň talabalaýyklygy göz öňünde tutulmalydyr. Aýratyn hem ýerleriň öwüsýän ugurlary, açyk we bulutly günleriň sany, ýerasty suwlaryň derejesi, ýerýüzüniň şekili, agyz suwuň hili, gün radiasiýasy, gök agaçlar tutýan meýdany, eroziýa hadysalary hasaba alynmalydyr. Ýokardaky şertleri hemmesi ilatyň gürlügi täsir edýär.

Türkmenistanyň welaýatlarynda ilatyň sany we onuň gürlügi

/1989-njy ýylyň ilat ýazuwynyň maglumatlary esasynda düzüldi/

Oblastlar	Meýdany /müň kw. km/	Ilatyň sany /müň adam/	Ilatyň gürlügi /kw. km. 1 adam/
Respublikan tabynlygyndaky etraplar we şäherler	95.4	928.2	9.7
Mary welaýaty	86.8	814.1	9.4
Daşoguz welaýaty	73.6	698.1	9.4
Lebap welaýaty	93.8	734.4	8.0
Balkan welaýaty	138.5	357.2	2.6
Ýurt boýunça	488.1	3533.9	7.2

Ilatyň gürlügi oazislerde ýurduň ortaça derejesinden onlarça esse ýokarydyr. Türkmenistanda ilat ýaşaýan ähli territoriýa takmynan 34 müň kw. km. bolup, onda ilatyň gürlüligi 1 kw. km. 100 adamdan hem köpdür.

Türkmenistanyň şäher ilaty, şäherleri we şäher görnüşli şäherçeler

Türkmenistanyň şäher ilaty. Islendik ýurduň senagaty, industriýasy şäher ilatynyň artmagyna alyp barýar. Türkmenistanda ozal şäherleriň ilaty umumy ilatyň sanynda ujypsyz orun tutan bolsa, häzirki wagtda 47% - e çenli artdy. Şäherleriň sany we olarda ýaşaýan ilatyň sany ep-esli köpeldi. Täze şäherleriň 14-si döredi. Şäherçeleriň sany 73-e ýetdi. 1989-njy ýylda Türkmenistanda 90 şäher we şäherçeler bolup, olarda 1 mln. 603 müň ilat ýaşaýardy.

Her bir ýurtda şäherleri döretmekligiň ýörite kabul edilen kanunlary bardyr. Türkmenistanda şäher statusyny alamak üçin ilatyň sany 5 müň adamdan gowrak bolup, olaryň 66% - i işçilerden we gullukçylardan / olaryň maşgalalaryny goşmak bilen / ybarat bolmaly. Şäherçe bolmak üçin bolsa ilatyň sany 2 müňden gowrak bolup, olaryň 66% - i işçiler we gullukçylar bolmaly. 1940-nji ýylda olar 11-e ýetdi, ýagny Daşoguz, Baýramaly, Tejen, Atamyrat, Serdar, Gazanjyk, Ýolöten, şäherleri döredildi. Beýik Watançylyk urşundan soň.

Türkmenistanyň şäherleri we şäherçeleri /1989-njy ýylyň ilat ýazuwy esasynda düzüldi

Welaýatlar	Şäherler we şäher görnüşli şäherçeler	Şäherler		Şäherçeler				Şäher ilatynyň jemi	Şäher ilatynyň tutýan orny % hasabynda
		Şäher	Ilaty	Ilat					
			müň adam	% hasa-bynda	Şäher görnüşli şäherçe	müň adam	% hasa-bynda		
Aşgabat şäheri	1	1	402.0	33.6				402.0	25.0
Balkan welaýaty	23	5	206.5	17.2	18	68.8	17.2	275.3	17.1
Mary welaýaty	20	4	157.1	13.1	16	65.2	16.0	222.3	13.8
Lebap welaýaty	23	4	225.1	18.8	19	96.8	23.7	321.9	20.0
Daşoguz welaýaty	9	2	133.2	11.2	7	86.2	21.1	224.9	14.0
Ýurdyň tabynly-gyndaky etraplar	15	2	71.9	6.1	13	90.1	22.0	162.0	10.1
Türkmenistan Boýunça	91	18	1195.8	100.0	73	407.1	100.0	1602.9	100.0

Türkmenistanda uly şäher toparyna ilatyň 100 müňden goragy / Aşgabat, Lebap, Daşoguz/ orta şäher toparyna, 50 müňden 100 müňe çenlisi/ Mary, Balkanabat, Türkmenbaşy, kiçi şäher toparyna 50müňe çenlisi /Baýramaly, Tejen, Atamyrat, Ýolöten, Serhetabat, Serdar, Gazanjyk, Çeleken, Köne-Ürgenç, Gowyrdak, Abadan, Seýdi/ degişlidir.

Şäherleri ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça paýtagt, welaýat, etrap merkezlerine, senagat, ulag, agrosenagat merkezleri we başgalar/bölmek bolar.

Türkmenistanyň şäherleriniň döredilen wagtlary we ilatyň sanynyň artyşy.

t/b	Şäherleriň atlary	Döredilen ýyly	Ilatyň sany / müň adam hasabynda/						
			1897	1926	1939	1959	1970	1979	1989
1	Aşgabat	1881	19.4	51.6	126.9	169.9	253.1	312	401.0
2	Lebap	1886	2.3	13.9	51.0	66.1	96	140	161.0
3	Daşoguz	1924		3.9	14.6	37.9	63	84	111.4
4	Mary	1884	8.5	21.6	37.0	48.1	62	74	92.3
5	Türkmenbaşy	1869		10.0	20.9	39.2	49	53	58.8
6	Balkanabat	1946	-	-	-	32.9	55.6	71	86.3
7	Baýramaly	1935	-	-	19.5	24.1	32	37.3	43.8
8	Tejen	1925	-	1.7	9.3	16.1	26	31.6	40.2
9	Atamyrat	1925	-	8.7	10.6	11.8	14	15.5	19.7
10	Serdar	1935	-	-	15.4	16.2	22	27.1	33.4
11	Abadan	1963	-	-	-	6.3	16	21.5	31.6
12	Gowurdak	1990	-	-	-	-	-	-	22.2
13	Köne-Ürgenç	1985	-	-	-	9.0	15.7	17.7	21.8
14	Çeleken	1956	-	-	-	6.2	13	14.7	13.
15	Gazanjyk	1939	-	-	6.3	7.8	10	12.5	14.4
16	Serhetabat	1967	-	-	-	5	5	6.7	4.8
17	Ýolöten	1939	-	-	7.4	9.6	13	15.6	18.6
18	Seýdi	1990	-	-	-	-	-	-	11.0

Häzir Aşgabat ýurduň iň uly ykdysady, adminstratiw, syýasy medeniýet merkezidir. Şäheriň ilaty geçen 110 ýylyň dowamynda 35 esse köpeldi.

Aşgabadyň ilatynyň jynsy boýunça düzümi aýal – gyzlaryň sany 206 müň, erkekleriň sany 195 müň adamdyr. Aşgabat şäheriň territoriýasy onuň töweregindäki oba ilatly nokatly ilatlaryň hasabyna giňeldi. Ýaňy-ýakynda şähere Berzeňňi şäherçesi, Leningrad obasy /Garadamak obasy/ goşuldy. Pöwrüze şäher görnüşli şäherçe we Çüli dynç alyş ilatly nokatlaryň hem Aşgabat şäher Sowetiniň garamagyna degişlidir.

Ýyllar	Ilatyň sany /müň adam/
1897	8.5
1926	2.6

1939	37.0
1959	48.1
1970	60.0
1979	75.0
1989	92.3

Şäheriň ilaty geçe 100 ýylyň dowamynda 2 esseden gowrak köpelipdir. Häzir şäheriň ilatynyň aglabasy türkmenlerdir.

Mary şäheri senagat ulag, adminstratiw, medeniýet merkezleriniň biridir. Şäherde Türkmenistanda ýeke-täk kärhanalaryň birnaçesi, ýüň ýuwýan fabrik gön – teletin zawody, haly – ýüplük boýaýjy fabrik bardyr.

Türkmenabat şäheriniň ilatynyň sanynyň artyşy

Ýyllar	Ilatyň sany /müň adam/
1900	15.0
1926	14.0
1939	54.8
1959	66.1
1970	96.4
1979	140.0
1989	160.9

Türkmenabat şäherinde 132 millet ýaşaýar. Şäheriň döremeginde we ösmeginde uly orun eýeleýär.

Häzir Türkmenabat möhüm ulag nokadyna öwrüldi. Şäher Amyderýäniň kenarynda ýerleşip, 100 ýyl ozal hem derýa gämi gatnawly merkez bolupdyr.
1890 – nji ýylda Orta Aziýa gämiçiligi esaslandyryldy, biziň günlermizde-de Türkmenabat, Özbegistan, Täjigistan ýurtlary hem – de Öwganystan bilen gämi gatnawy bar.

Daşoguz şäheri 1924-nji ýylda döredildi. 1989-njy ýylyň ilat ýazuwy boýunça 111.600 adam ýaşaýar. Daşoguz şäheriniň ilaty 30 essä golaý artdy. 1926-njy ýylda şäheriň ilaty 3 900, 1933-nji ýylda 14 600, 1959-njy ýylda 37 900, 1970-nji ýylda 63 000, 1979-njy ýylda 34 000, 1989-njy ýylda 111 600 adama ýetdi. Daşoguz köp milletli şäherdir, ilatyň köp bölegi özbeklerdir we türkmenlerdir.

Türkmenbaşy şäheri 1869-njy ýylda esaslandyryldy. Ilaty 60 müň adam. Türkmenbaşy şäheriniň döremeginiň we ösmeginiň esasy şerti ulag bolup durýar. Şäher deňiz, demirýol, howa we awtomobil ulaglarynyň kesişýän nokadydyr.

Balkanabat 1946-njy ýylda şäher derejesini aldy, 1991-nji ýylda Türkmenbaşy aýyndan bäri Balkan welaýatynyň merkezi. Ilaty – 86 300 adamdyr /1989 ý./ şäheriň düýbi 30 – njy ýyllarda Günbatar Türkmenistanda – Balkan daglarynyň eteklerinde tutylan.

Baýramaly şäheri 1931-nji ýylda ýylda şäher derejesini aldy. 1989-njy ýylyň ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä, şäherde 44 müň adam ýaşaýar. Baýramaly

şäher Sowetine oba ilatly nokatlaryň 14-si girýär. Şolarda ýaşaýan ilatyň sany 12.5 müň adama barabar.
Ýolöten şäheri 1939-njy ýylda şäher derejesini aldy. Ilaty 18 600 adamdyr /1989 ý./. Ýolöten etrap merkezi bolup, Murgap derýasynyň suwaryş üçin şahalara bölünýän ýerinde ýerleşýär. Şäherde inçe süýümli pagtanyň tohumçylygy we seleksiýasy ylmy – barlag instituty we 1909-njy ýylda gurulan Ýolöten suw elktrik stansiýasy bar. Bu GES 80 ýyldan bäri elektrik energiýasyny öndürip gelýär. Bu stansiýa Hindiguş GES-i diýip hem atlandyrylýar we halk arasyndaky ady Taňrygazan diýip atlandyrylýan kanalyň Murgap derýasynda saka alýan ýerinde gurulandyr.

Abadan şäheri 1963-nji ýylda döredildi, ol Türkmenistanyň gurluşyk meteriallar öndürýän iň uly merkezdir. Ilaty 31 600 adam /1989ý./. Bu ýerde ýeke-täk sement zawody ýerleşipdir. Şonuň ýaly-da Abadan GRES-i gurluşyk materiallar kombinatynyň 3-si, karýer uprawleniýesi, haly kombinaty tomat-konserw zawody we beýleki kärhanalar bar.

Çeleken Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýerleşýär. Bu ýerde nebit çykarylyp başlananyna ýüz ýyldan gowrak wagt geçdi. Şol nebitli etraplaryň biri hem Çeleken ýarym adasydyr. Bu ýerde 1976-njy ýylda ilkinji gezek senagat ähmiýetli nebit alyp başlandy we şol wagt häzirki Çeleken şäheriniň düýbi tutylyp başlandy emma Çeleken şäher derejesini 1946-njy ýylda aldy. Ilaty – 15 300 adam /1989ý./.

Serdar şäheriniň esaslandyrylmagy /1881-nji ýylda demir ýoluň/ 33 500 adam. Ilatyň köp bölegi türkmenler we ruslardyr. Şäherde 1882-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji maşyn gurluşyk kärhanasy – Serdar wagon – bejeriş zawody guruldy.

Tejen şäheri 1925-nji ýylda şäher derejesini aldy. Şäher agrosenagat, ulag merkezidir. Esasy senagat kärhanalaryndan pagta arassalaýan zawody, süýt, et zawodlary, jaý gurluşyk kombinaty, ilata hyzmat ediş kombinaty, çörek zawody, kondoter sehi, traktor bejeriş stansiýay, awtoparklar we bazarlar, saglygy saklaýyş, magaryf, medeniýet edaralary işleýär. Şäheriň meýdanynda ýapyk drenaž torlarynyň geçirilmegi zerur bolup durýar.

Atamyrat şäheri 1925-nji ýylda şäher derejesini aldy. Amyderýanyň çep kenarynda, Lebapdan 201 km günortada ýerleşýär. Ilaty 20 müňe golaý /1989 ý./. 1926-njy ýylda – 8 700 adam. Atamyradyň ilaty esasan türkmenler we özbeklerdir. Atamyrat etrap merkezidir. Şäherde pagta arassalaýan zawod, süýt, et, çörek zawodlary işleýär. Amyderýanyň sag kenarynda / Atamyrat şäheriniň gabadynda/ Kerkiçi şäherçesi bolup, onuň bilen gämi arkaly aragatnaşyk alyp barylýar.

Sehetabat şäheri Sowet Soýuzynyň iň günorta çetki nokadydyr. Şäher 1885-nji ýylda esaslandyrylan Serhetabat galasynyň oazisinde döredi. Şäher derejesini 1967-nji ýylda aldy. Serhetabadyň ilaty 5 000 adam /1989 ý./.

Bereket şäheri 1939-njy ýylda döredildi. Şäher etrap merkezidir. Ilaty 14 500 adam bolup, esasan iki funksiýany ýerine ýetirýär. Birinjiden, Bereket – demir ýol menzili, ikinjiden bu şäher agrosenagat merkezidir. Bereket dowardarçylyk sowhozyň müdürligi we gurluşyk materiallary zawody işleýär.

Oba ilaty we oba ilatly nokatlar

Türkmenistanyň umumy ilaty 55%-i oba ilatydyr, ýagny obada 1 mln. 931 müň adam ýaşaýar. Olary ilatyň sany boýunça 8 topara bölmek bolar.

1-nji topar adama çenli 52 sany ilatly nokat.
2-nji topar 101-200 adama çenli 95 -"-
3-nji topar 201-500 adama çenli 322 -"-
4-nji topar 501-1000 adama çenli 480 -"-
5-nji topar 1001-2000 adama çenli 451 -"-
6-njy topar 2001-3000 adama çenli 123 -"-
7-nji topar 3001-5000 adama çenli 95 -"-
8-nji topar 5001-10000 adama çenli 23 -"-

Şeýlelikde: iň giň ýaýran ilatly nokatlar 501-2000 /4-nji, 5-nji topar/ adam ýaşaýan obalardyr. Oba ilatly nokatlaryň welaýatlar boýunça ýaýraýşy deň däldir, bu tablisanyň maglumatlaryndan has aýdyň görünýär.

Oba ilatyň 98%-den gowragy oazislerde, aýratynam suwarymly ekarançylyk zonasynda ýaşaýar.

Türkmenistanyň oba ilatly nokatlarynyň sany boýunça toparlara bölünişi 1989-njy ýyl/

Welaýatlar	Hemme oba ilatly nokatlar	Şol sanda ilatyň sany boýunça toparlary							
		100 adama çenli	101-200 adam	201-500 adam	501-100 adam	1000 - 2000 adam	2001 - 3000 adam	3001 - 5000 adam	5001 adam-dan gowak
Ýurduň tabynlygyndaky etraplar	343	25	41	76	77	59	17	35	13
Mary welaýaty	341	8	14	35	62	107	62	44	9
Daşoguz welaýaty	521	10	22	115	187	160	18	9	--
Lebap welaýaty	436	9	18	96	154	125	16	7	1
Jemi	1641	52	95	322	480	451	123	95	23

Balkan welaýatynda oba adminstaratiw etraplarynyň ilaty.

Balkan welaýatynda 6 sany oba adminstratiw raýonlary bolup, olarda 79.1 müň adam ýaşaýar. Bu san welaýatynyň ähli ilatynyň 22.1% barabardyr.

Ýurduň tabynlygyndaky oba adminstratiw etraplaryň ilaty

Häzir ýurduň tabynlygyndaky etraplaryň 6-sy bolup, olarda 367.8 müň ilat ýaşaýar.

Mary welaýatynyň adminstratiw etraplaryň ilaty

Mary welaýatynyň 9 sany adminstratiw etrap bolup, olarda 592 000 adam ýaşaýar. Bu san welaýatyň ähli ilatynyň 96%-ne barabardyr.

Lebap welaýatynyň adminstratiw etraplarynyň ilaty

Häzir Lebap welaýatynda 2 sany adminstratiw oba etrap bolup, 412 000 ilat ýaşaýar. Bu san welaýatyň ilatynyň 54%-dir.

Daşoguz welaýatynyň adminstartiw etraplarynyň ilaty
barada gysgaça maglumatlar

Daşoguz welaýatynda 8 sany oba adminstratiw etraby bolup, olarda 478 müň adam ýaşaýar. Bu san welaýatyň ähli ilatynyň 70%-ine golaýydyr.

Maşgala we ýaşaýyş jaýlaryň strukturasy hem – de öý görnüşleri

1. Maşgala we ýaşaýyş jaýlaryň strukturasy

2. Maşgala we öý

3. Ýaşaýyş jaýlara sosial teklipler.

1. Maşgalany sosial – demografiki häsiýetlendirme. Maşgalanyň ulylygy (adam sany) Türkmenistanyň ilatynyň maşgala sany, ýaş we ogul gyz düzümi XX asyryň içinde geçirilen sanawlara görä bir syhly ýagdaýda gidip kän bir halkyň köpelmegine kynçylyk döremedi. Maşgalada adam sany 1-den - 12 çenli ýetip, asyryň soňynda köp sanly maşgala azalyp başlady. Öňki uly maşgala bir näçe maşgala bölünip şäherlerde kiçi we orta maşgalalaryň sany köpeldi.

Maşgala we onuň sany % (göterim)

	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10	Maşgala we orta sany
Aşgabat	14.9	18.8	20.1	20.0	10.2	5.8	3.3	2.4	8.6	2.9	4.2
Şäherler we şäherçeler	9.3	11.6	14.3	15.6	11.6	9.3	8.1	6.6	5.1	8.3	5.4
Oba	10.4	8.1	9.3	10.9	10.5	10.8	10.3	9.0	7.9	13.1	6.3

Maşgalanyň ylylygy – kiçiligi esasynda bolsa öýleriň binagärlik tarapdan tipleri kesgitlenýär we ýaşaýyş jaýlaryň umumy möçberlerini jaý gaznasyny göwrümi hasaplama zerur maglumatlardan ybarat bolýar.

Maşgala sany boýunça öýleriň otag sanynykesgitleme toparlara bölünýär we taslama işlerinde ullanylýar.

Maşgalanyň erkek – aýal sany. Maşgala we olaryň esasynda öýleriň we otag sanyny kesgitleme. Maşgalanyň sosial tarapdan häsiýetlendirme we ýaşaýyş jaýlaryň görnüşlerini we olaryň üýgemegini kesgitleme.

Her maşgala özbaşdak öý, ýa-da hususy jaý bilen üpjün etme meseleleri, her bir şäherde we oba ýerlerinde bulara degişli ýaşaýyş jaýlary gurmak üçin meýdanyny kesgitleme; sosial – demografiki aýratynlyklary, şäherdäki bolan ýaşaýyş jaý gaznasyny ullanma, hem-de gurluşyk üçin bolan ykdysadiýet şertleri göz öňünde tutmak zerurdyr.

Ýokardaky maglumatlar esasynda ýaşaýyş jaý gurluşygynyň problemalarine äňedilýär, ýagny;

- Ýaşaýyş jaý gaznasynyň köpelmegini gerek görnüşli öýler we olaryň maşgala sany boýunça üpjünçilik ugurlary. (öý nomenklaturasy täze gurluşyk üçin);
- Öýleriň sany we jaýlaryň taslamasynyň kämilleşdirme usullary häzirki zaman ýaşaýyş jaý gurluşygynda;
- Jaýlaryň görnüşleriniň üýtgemegini, nomenklaturasyny we ýaşaýyş jaýlaryň gatlagyny, olaryň özara şäheriň şertlerine görä çözülişini;
- Taslama usullarynyň kämilleşdirmegini esasan hem köpçülik ýaşaýyş jaýlar üçin;

Ýaşaýyş jaý syýasatyny düzülende maşgala sany we onuň ulylygy esasy maglumatlaryň toparyna girýär. Bu ýagdaýda ilatyň sosial derejesi we guruplylygyny hem göz öňünde tutylýar hem-de hasaba alynýar.

Maşgala we öý mneseleleri iň çylşyrymly we agyr. Bazar durmuşynda çözüliş ýollary hem her dürli görnüşde bolýar. Halky ýaşaýyş jaý bilen üpjünçilikde ýeke bir döwlet däl-de, eýsem ilatyň özi hem gatnaşýar.

Häzirki zamanda Türkmenistanda öýleriň maşgala sany bilen kesgitlemekde, ýereleşdirmekde aýratynlyklary döredi, ýagny: ýokary derejede gurulan elita ýaşaýyş jaýlary; ikinji topar – ýaşaýyş jaýlaryň öz pul serişdelerene salynýan orta durmuş hilli ýaşaýyş jaýlar; döwlet tarapyndan umumy normalar esasynda salynýan köp gatly ýaşaýyş standart öýli jaýlar (sosial jaýlar). Iň soňky topar – halkyň öz güýji bilen we öz pulyna salynýan husysy ýaşaýyş öýleri. Soňky ýaşaýyş jaý gurluşyk görnüşi

esasan hem oba ýerlerinde, kiçi şäherlerde we şäherçelerde gurulýar . Köplenç howluly argat halkyň gurluşyk däp-dessurlary öňe sürýän ýaşaýyş jaýlar.

Häzirki zamanda Türkmenistanyň paýtagtynda Aşgabat şäherinde, welaýatlaryň merkezi şäherlerinde hem-de uly senagaty şäherlerde köplenç köpgatly köp öýli jaýlar gurulyp olaryň öý sany, öýleriň otaglary möçberi, ööleriň meýdanynyň ulylygy ilatyň maşgala şertlerine deň gelmeýär. Şol sebäpli hem ýaşaýyş jaýlaryň salma möçberini, öýleriň otag sanyny, meýdanyny gelejekki maşgala demografiýasyny we sosial strukturalaryny göz öňünde tutmaly. Şonda ilatyň bähbidi öňe sürülip olar üçin sosial tarapdan amatly durmuş guramany miýesser eder.

Hasaby çykarlanda aşakdaky ýagdaýlary göz öňünde tutmaly:

- öýlere ätäç adamlaryň (maşgalanyň) sany we şol sanda öý durmuşyny göwlandyrmak işleýänleri bilen;
- maşgalanyň sosial tarapdan görnüşleri;
- maşgalanyň sanynyň üýtgemegini;
- halkyň we migrazion köpelmegini

Ýenede uly mesele ýaşaýyş jaýlaryň taslamalany kämilleşdirme, jaýlary (öýleriň) gerekli görnüşli saýlama, hem-de gelejekki durmuşynyň üýtgemegini göz öňünde tutmaly.

Ýaşaýyş jaýlara sosial teklipler.

Her maşgala aýratyn öý, ýa-da ýaşaýyş jaý talap edilýär. Bu talabyň üpjünçilik ugurlary her hili çözülmegi mümkindir maşgalanyň sosial ýagdaýyna görä.

Ýaşaýyş jaý üpjünçiligi – adama gelýän ýaşaýyş jaýyň inedördül metri. Soňky Türkmenistanyň ilatynyň ýazgysynda (1989 ý.) her adama 10-12 m^2 ýaşaýyş jaý boldy. Taslama düzüminde TGN boýunça birinji nobatda bir adama 13.5-15 m^2; hasaplama wagtynda (20 ý.) -18-23 m^2; pronoz wagtynda (30 ý.) -25 m^2.

Ilatyň ýaşaýyş şertleri: bir otaga näçe adam gelýär; aýratyn ýaşaýan maşgalalar; bir adama gelýän ýaşaýyş jaýyň möberi.

Ýaşaýyş jaýlaryň standarty – döwletde we belli bir wagtda yglan edilýän bolaýjak ýaşaýyş jaý şertleri we onuň normalary. Ýaşaýyş jaýlaryň standarty kanun boýunça resmileşdirilen dokument, taslama normalarynda ulanylýan ýaşaýyş jaýlary paýlamakda hem göz öňünde tutylýar. Resmi däl şertlerde – däp-dessur we jemgiýetiň pikiri boýunça.

Ýaşaýyş jaý problemasy – durmuşdaky ýaşaýyş jaý şertleriniň ýaşaýyş jaý standartlaryna garanyňda pesligini häsiýetlendirýär. Onuň tapawudyny ulylygy, ýa-da kiçiligi ýaşaýyş jaý problemaň wajyplylygyny häsiýetlendirýär (öýsiz adamlar, dar öýde ýaşaýanlar, bir otaga köp başly maşgalaň ýaşamagy).

Ýaşaýyş jaý gaznasy – şäherde obada, regionlarda we döwletde gurulýan ýaşaýaýyş jaýlaryň: köp öýli, köp gatly, ýa-da howluly jaýlar. Umumy jaýlar – ýeketäk adamlar üçin.

Maşgalanyň baş sany boýunça öýlere ýerleşdirlişi. Bu teklip sosial taýdan üpjün edilýän maşgalalara degişli bolup döwletiň   ýaşaýyş jaý normalar esasynda taslamalaşdyrylan we standart dereje gurulan ýaşaýyş jaýlar. Ýörite gurnalan öýleriň maşgala ýerleşdirme normalary bilen paýlanylýar. We ilata satylýar. Bu ýagdaýda

ýörite hasaplama formula ullanylýar, ýagny: maşgalanyň baş sany (4,5,6 we öýüň otag sany (N)).

Orta sanly maşgala – 3 – 4 adam N, ýa-da N-1. Eger - de N=maşgala sanyna barabar bolanda, onda dört adamly maşgala dört otagly öýde ýerleşdirilýär; N-1 bolanda – dört adamly maşgala üç otagly öýe ýerleşdirilýär. Köp başly maşgala üçin sosial ýaşaýyş jaýlarda başgaçada ýerleşdirme normalary bar (köp sanly maşgalalar üçin 6,7,8 we ondan hem köp bolanda N – 2, N – 3, şertlerde ýerleşdirmek mümkin.

Türkmenistanyň zähmet resurslary we olary peýdalanylyşy

1. Zähmet resurslaryny aňlama we düşündirme
2. Zähmet resurslarynyň hünärmen görnüşleri
3. Işe meşgurlyk we iş ýeriniň gurama esaslary

Zähmet resurslaryny baha bermek üçin, ilkinji nobatda käbir demografik düşünjelere göz ýetirmek gerek. Ilatyň ýaş aýratynlyklary zähmet resurslarynyň emele gelmeginde aýgytlaýjy rol oýnaýar.

Gerentologiýa ylmynyň / janly organizmleriniň, şol sanda adamyň garramak prosesini öwrenýän ylym / kalssifikasiýasyna laýyklykda adamlar ýaşy boýunça şu aşakdaky bäş topara bölünýär: 1. çagalar – 16 ýaşa çenli: 2. ýaş adamlar – 16 ýaşdan 45 ýaşa çenli: 3. orta ýaşdakylar – 45 ýaşdan 60 ýaşa çenli: 4. gartaşan adamlar – 60 ýaşdan 70 ýaşa çenli: 5. garry adamlar – 70 ýaşdan ýokary ýaşlylar. Bu klassifikasiýadan başga-da, adamlar zähmete bölünýär: Birinji topar – jemgiýetçilik zähmetine ukyply bolmadyk oglanlar we gyzlar.

Ikinji topar – zähmete ýarawly ilat / 16-63 ýaşly erkek adamlar we 16-58 ýaşly oglan – gyzlar/; Üçünji topar – pensiýa aşakdaky ilat / 63 ýaşdan ýokary erkek adamalar we 58 ýaşdan ýokary aýallar/. Şu toparlara degişli ilat baradaky maglumatlar soňky ýyllarda resmi edebiýatlarda çap edilip başlandy.

Türkmenistan ilatyň ýaş düzüminiň özgerişi
(% hasabynda).

Ýaş toparlary	1959 ý.	1970 ý.	1979 ý.	1987 ý.
Jemi ilat şol sanda	100,0	100,0	100,0	100,0
5 ýaşa çenli	17,3	16,2	15,2	15,6
5 – 9 ýaş	13,0	15,8	13,8	13,0
10 – 14 ýaş	7,9	13,0	12,6	11,9
15 – 19 ýaş	7,7	9,5	11,9	10,5

20 – 24 ýaş	8,9	6,5	9,5	9,6
25 – 29 ýaş	8,4	5,2	7,2	8,7
30 – 34 ýaş	7,9	6,7	4,3	6,7
35 – 39 ýaş	5,1	5,5	4,4	5,0
40 – 44 ýaş	4,2	5,3	4,7	2,8
45 – 49 ýaş	4,4	3,5	4,0	3,9
50 – 54 ýaş	3,7	2,4	3,7	3,1
55 – 59 ýaş	3,6	3,1	2,3	3,0
60 – 64 ýaş	2,9	2,5	1,9	2,1
65 – 69 ýaş	2,0	1,9	1,8	1,4
70 we ondan uly ýaşlar	3,0	2,7	2,7	2,7

Ykdysady we sosial ösüşde ýaş aýratynlyklary bilen birlikde ilatyň jynsy düzümi hem uly täsir edýär. Häzir (1990 ý.) erkekler ýurdyň umumy ilatynyň 49,3% (1 mln. 784 müň adam), aýal-gyzlar 50,7% (1mln. 838 müň adam) tutýar. Erkekleriň we aýallaryň ol ýa-da beýleki işleri ýerine ýetirijiligi düýpgöter tapawutlanýar. Meselem, agyr senagat pudaklary erkek adamlaryň zähmetini, ýeňil senagatyň, azyk senagatyň kärhanalary aýal-gyzlaryň zähmetini kän talap edýär. Emma bu aýratynlyklara garamazdan, her bir territoriýada (respublikada, welaýatda, etrap, şäherde, şäherçede) şol bir wagtda erkek adamlaryň we aýal- gyzlaryň iş orunlarynyň deň derejede deredilmegi zerurdyr. Şeýle edilse halk hojalygynyň sazlaşykly ösmegine şert döredildigi bolar. Aýal-gyzlar diňe zähmet resursy bolman, olar nesil döredijilerdir, **enelerdir**. Türkmenistanda ýaşaýan eneleriň ep-esli bölegi köp çagaly bolup, olar jemgyýetçilik zähmetine doly gatnaşyp bilmeýärler. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup, kän çagaly, öý hojalykçy eneler üçin döwlet sosial pensiýanyň berilmegi örän maksadalaýykdyr.

Geljekde ýurtda zähmet güýçleriniň tiz köpelýändigini nazara alyp, zähmeti kän talap edýän önümçilik kärhanalaryň hem-de hyzmat ediş edaralarynyň has giňeldilmegi zerurdyr. Türkmenistanda ähli işçileriň we gullukçylaryň 42% (1988-nji ýylda, kolhozçylaryň 52%) aýal-gyzlardyr.

Zähmet resurslarynyň hojalyk pudaklary boýunça paýlanylyşyny aşakdaky tablisanyň maglumatlarynda görmek bolar.

Türkmenistan işleýän ilatyň pudaklar boýunça paýlanyşy.
(1989 ý. % hasabynda)

Halk hojalyk pudaklary	Işleýänler
Halk hojalygynda işleýänleriň hemmesi	
Şol sanda:	100,0
Senagatda we gurluşykda	
Oba hojalygynda	20,0
Transportda we aragatnaşykda	41,1
Söwdada we jemgyýetçilik iýmitinde	
Saglygy saklaýyşda, halk magaryfynda, medniýetde,	
ylymda, soaila üpjünçilikde	
Döwlet edara ediş organlaryň enjamlarynda	18,6
Jaý – kommunal hojalygynda, ilata hyzmat ediş we	2,5
beýleki ugurlarda işleýänler	4,1

Ilatyň sosial demokrafiki aýratynlyklary we olaryň binagärlik giňişligi gurama täsiri.

